TÜRKMENISTANYŇ BEDENTERBIÝE WE SPORT BARADAKY DÖWLET KOMITETI

STATE COMMITTEE FOR PHYSICAL CULTURE AND SPORTS OF TURKMENISTAN

**BUÝRUK** / **ORDER**

«13» ýanwar 2026 ý.

№ 13-Ç

## Sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlarynyň türgenlerini yzygiderli lukmançylyk barlaglaryndan geçirmegiň we bejeriş-dikeldiş işlerini amala aşyrmagyň Tertibini tassyklamak hakynda

Sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlaryny Olimpiýa we Paralimpiýa oýunlaryna hem-de beýleki iri halkara ýaryşlaryna ýokary derejede taýýarlamak maksady bilen,

**BUÝURÝARYN**

1. Sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlarynyň yzygiderli lukmançylyk barlaglaryndan geçirmegiň we bejeriş-dikeldiş işlerini amala aşyrmagyň Tertibini Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi bilen ylalaşyp tassyklamaly (goşulýar).

2. Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty, Türkmenistanyň Ýokary sport ussatlygy mekdebi hem-de Sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli federasiýalary, buýrugyň 1-nji böleginde görkezilen Tertibe laýyklykda, Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlarynyň türgenlerini yzygiderli lukmançylyk barlaglaryndan geçirilmegini we bejeriş-dikeldiş işleriniň amala aşyrylmagyny üpjün etmeli.

3. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň orunbasary gözegçilik etmeli.

**Esas:** Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasarynyň 2025-nji ýylyň 9-njy sentýabryndaky 2/34351 belgili tabşyrygy.

nusga dogry

**Başlyk** **A.Saparow**

Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň 2026 -njy ýylyň «13» ýanwar çykaran 13-Ə-nji buýrugy bilen tassyklanyldy

**Sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlarynyň türgenlerini yzygiderli lukmançylyk barlaglaryndan geçirmegiň we bejeriş-dikeldiş işlerini amala aşyrmagyň Tertibi**

## I BAP. Umumy düzgünler

1. Sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlarynyň türgenlerini yzygiderli lukmançylyk barlaglaryndan geçirmegiň we bejeriş-dikeldiş işlerini amala aşyrmagyň Tertibi (mundan beýläk - Tertip) sportuň görnüşleri boýunça Tomusky Olimpiýa, Paralimpiýa oýunlaryna, Aziýa oýunlaryna, dünýä çempionatlaryna we kuboklaryna, Aziýa çempionatlaryna we kuboklaryna hem-de beýleki halkara sport ýaryşlaryna gatnaşmaga taýýarlyk görýän Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlarynyň türgenlerini yzygiderli çuňlaşdyrylan lukmançylyk barlaglaryndan geçirmegiň we bejeriş-dikeldiş işlerini amala aşyrmagyň tertibini kesgitleýär.

## II BAP. Sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlarynyň türgenleriniň lukmançylyk barlaglarynyň görnüşleri

2. Türgenleriň lukmançylyk barlagy şu aşakdakylardan ybaratdyr:
   1) çuňlaşdyrylan lukmançylyk barlagy;
   2) tapgyrlaýyn lukmançylyk barlagy;
   3) yzygider lukmançylyk barlaglary we lukman-pedagogik gözegçiligi;
   4) goşmaça barlagy.
3. Çuňlaşdyrylan lukmançylyk barlagy türgenleriň saglyk ýagdaýy, beden taýdan ösüşi, fiziki başarjaňlygy, şol sanda funksional ýagdaýy we onuň dinamikada fiziki taýdan işjeňliginiň görkezijileri barada hemme taraplaýyn giňişleýin maglumat almak üçin lukmançylyk edarasy tarapyndan geçirilýär.
4. Türgenleriň çuňlaşdyrylan lukmançylyk barlagyndan geçirilişi Çuňlaşdyrylan lukmançylyk barlagyndan geçirmegiň meýilnamasyna laýyklykda amala aşyrylýar (1-nji goşundy).
5. Tapgyrlaýyn lukmançylyk barlagy sport lukmany tarapyndan sport ýaryşlaryna taýýarlygyň belli bir tapgyryny tamamlandan soň türgenleriň saglyk ýagdaýyny we fiziki işjeňligini kesgitlemek maksady bilen Tapgyrlaýyn lukmançylyk barlagyndan geçirmegiň meýilnamasyna laýyklykda geçirilýär (2-nji goşundy). Tapgyrlaýyn lukmançylyk barlagy aşakdakylary öz içine alýar:

1) sport lukmanynyň görkezmesine görä, beýleki ýöriteleşdirilen hünärmenleriň barlagy;
2) biologik nusgalyklaryň barlaghana barlaglary;
3) antropometrik we funksional anyklaýyş barlaglary:
EKG rahatlyk ýagdaýynda; Submaksimal güýji kesgitlemek üçin PWC-170 synagy (Physical Working Capacity-fiziki iş başarjaňlygy) ýa-da iň ýokary kuwwatly synagy (fiziki ýüklenmeleri ýerine ýetirmegi bes edýänçä), Maksimal alaktatyň kuwwatlylygy kesgitlemek üçin synag (mundan beýläk – MAK); antropometriýa, beden düzüminiň seljermesi.
4) Ýaryşdan öňki barlaglar sport lukmany tarapyndan geçirilýär we bu barlagda türgeniň funksional hem-de fiziki taýýarlygynyň derejesini kesgitlemek, şeýle hem ýaryşa gatnaşmaga rugsat bermek, dikeldiş we işjeňligini ýokarlandyrýan serişdeleri (witaminler we minerallar) bellemek üçin amala aşyrylýar.
6. Yzygider lukmançylyk barlagy we lukman-pedagogik gözegçiligi türgeniň saglyk ýagdaýyna gündelik gözegçilik geçirmek, fiziki, ýüklenmelere uýgunlaşmagynyň dinamikasyny kesgitläp, türgenleşikleri şahsylaşdyrmak we taýýarlyk hem-de dikeldiş işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen geçirilýär we aşakdaky barlaglary öz içine alýar:
1) sport lukmanyň şahsy meýilnamasy esasynda amala aşyrylýar;
2) meýilnama esasynda türgenleriň çuňlaşdyrylan we tapgyrlaýyn lukmançylyk barlaglaryna barmagyny üpjün edýär, şeýle hem zerurlyk çykan ýagdaýynda goşmaça barlaga: funksional, barlaghana synaglaryna we lukman hünärmenleriň barlagyna ugradýar.
7. Goşmaça barlaglar toparlar bilen işleýän lukmanlar tarapyndan, meýilnamadan daşary, hünärmenleriň barlagynyň zerurlygy kesgitlenilen ýagdaýlarynda (aşa ýadawlyk, aşa türgenleşik we.ş.m), keseller ýa-da şikesler ýüze çykanda, şeýle hem ýaryşlara gatnaşmak üçin aýratyn kepilnama almaly bolan ýagdaýlarynda geçirilýär.
8. Sportuň görnüşleri bilen baglylykda geçirilmeli goşmaça barlaglar:
1) oftalmologik barlaglar: görüş meýdany, gözüň içki basyşy, görüş meýdanyň burçy, sikloskopiýa;
2) audiometriýa amala aşyrylýar: ýaýdan ok atmak, atyjylyk sporty, biatlon, welosport, konkur, gylyçlaşmak, sportuň suwdaky görnüşleri, ýüzmek, ýeňil atletika, başa-baş göreş we agyr atletika bilen meşgullanýan türgenleri;
3) sport lukmanynyň görkezmesi boýunça aşakdakylar ýerine ýetirilýär: Gan damarlarynyň, ýumşak dokumalaryň we bogunlaryň, çanaklyk synalarynyň, galkan şekilli mäziniň ultrases barlagy; funksional synaglar bilen elektroensefalografiýa, elektroneýromiýografiýa; ortostatik elektrokardiografiýa, ylgaw ýodajygynda ýüklenmeli EKG, gündelik EKG gözegçiligi (Holter gözegçiligi), gan basyşyna gündelik gözegçiligi, agyr atletikada Walsalwanyň synagy;
- rentgenografiýa;
- kompýuter tomografiýasy (KT);
- magnit-rezonans tomografiýasy (MRT);
- goşmaça kliniki-barlaghana barlaglary;
- plantoskopiýa;
- densitometriýa;
- spirografiýa;

- oňurganyň köp ölçegli seljermesi;
- bogunlaryň magnit-rezonans tomografiýasy;
- gaz seljermesi we laktat derejesini kesgitlemek bilen aýratyn çydamlylygy bahalandyrmak;
- tizlik-güýç görkezijilerine baha bermek.

4) sport lukmanynyň görkezmesine görä ýöriteleşdirilen inçe hünärmenler tarapyndan goşmaça barlaglar geçirilýär: terapewt, pediatr, kardiolog, pulmonolog, gastroenterolog, endokrinolog, dermatolog, allergolog, kardiohirurg, neýrohirurg, trawmatolog, ginekolog, urolog we beýlekiler.

## III BAP. Türgenleriň lukmançylyk barlaglaryndan geçirilişiniň tapgyrlary

9. Çuňlaşdyrylan lukmançylyk barlagy ýylyň dowamynda sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlarynyň türgenleri çuňlaşdyrylan lukmançylyk barlagyndan geçirmek üçin zerur hasaplanylýan lukmançylyk hyzmatlarynyň Sanawyna laýyklykda ýylyň dowamynda bir gezek geçirilýär (3-nji goşundy).

10. Tapgyrlaýyn lukmançylyk barlagy sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlarynyň türgenleri tapgyrlaýyn lukmançylyk barlagyndan geçirmek üçin lukmançylyk hyzmatlarynyň Sanawyna laýyklykda, türgenleriň taýýarlyk tapgyrlarynyň sanyna baglylykda ýylyň dowamynda bir gezek geçirilýär (4-nji goşundy).

11. Yzygider lukmançylyk barlagy we lukman-pedagog gözegçiligi ýyllyk meýilnama esasynda amala aşyrylýar.

12. Çuňlaşdyrylan, tapgyrlaýyn, yzygider we goşmaça lukmançylyk barlaglarynyň netijelerine esaslanyp, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan tassyklanan "Türgeniň sagaldyş gözegçiliginiň lukmançylyk kartasy" doldurylýar we sport ýaryşlaryna gatnaşmak üçin lukmançylyk rugsatnamasy berilýär.

***Bellik:*** maýyplygy bolan we saglyk mümkinçilikleri çäkli bolanlar üçin çuňlaşdyrylan lukmançylyk barlagynyň meýilnamasy, onuň saglyk ýagdaýynyň bozulmasynyň görnüşine baglylykda hem-de bölekleýin funksional ugrundan geçirilýän aýratyn barlaglaryň esasynda üýtgedilip bilner.

*1-nji goşundy*

**Çuňlaşdyrylan lukmançylyk barlagyndan geçirmegiň meýilnamasy:**

| T/b | Türgeniň derejesi | Geçirmegiň möhleti | Inçe hünärli lukmanlar | Kliniki-barlaghana we funksional-anyklaýyş barlaglaryň usullary |
|---|---|---|---|---|
| 1. | Sportuň görnüşleri boýunça milli ýygyndy toparlarynyň türgenleri | Ýylda 1 gezek | Sport lukmany, trawmatolog-ortoped, hirurg, otorinolaringolog, oftalmolog, diş lukmany, ginekolog, urolog, newrolog, kardiolog, psihiatr (psiholog) we beýlekiler. | Ganyň umumy barlagy; peşewiň umumy barlagy; biohimiki gan barlagy (IgM, IgA, IgG, IgE, somatotrop gormon (STG), prolaktin, tireotrop gormon (TTG), kortizol, umumy testosteron, erkin testosteron, digidrotestosteron, erkin tiroksin, tireoid peroksidaza antitelalar (TPO-AT), umumy belok, kreatinin, peşew turşusy, glýukoza, umumy holesterin, ýokary dykyzlykly holesterini (HDL), pes dykyzlykly holesterini (LDL), umumy bilirubin, göni bilirubin, ALAT, ACAT, KFK, kreatin fosfokinaza- MB (CPK-MB), aşgarly fosfataza, laktat degidrogenaza (LDH), LDH izoenzim 1; fosfor, natriý, kalsiý, kaliý, magniý, demir, ýokary duýgur C-reaktiw belok (CRP), ferritin, kortizol, testosteron, (TSH, FT4). Wirusly gepatit, RW, AIDS, HBS<br>Antropometriýa we beden düzüminiň derňewi, EKG, stres ýagdaýynda EKG, EHOKG, dinamometriýa, içki agzalaryň ultrases barlagy (USB), spirografiýa, öýkeniň flýurografiýasy ýa-da rentgenografiýa (15 ýaşdan başlap ýylda 1 gezekden köp bolmaly däl). Fiziki işjeňlige we maşklara çydamlylyk barlagy: weloergometriýa bilen gaz analizator derňewleri we synaglary, türgeniň ylgaw ýodajygyndaky kislorodyň maksimal ulanylyşyny kesgitlemek (KMU) bilen geçirilýän synag;<br>Ýüklenmeli weloergometriýada gandaky laktat-alaktat derejesini (MAM) barlamak; Psiho-emosional ýagdaýy öwrenmek. |

*2-nji goşundy*

**Tapgyrlaýyn lukmançylyk barlagyndan geçirmegiň meýilnamasy:**

| T/b | Türgeniň derejesi | Inçe hünärli lukmanlar | Kliniki-barlaghana we funksional-anyklaýyş barlaglaryň usullary |
|---|---|---|---|
| 1. | Sportuň görnüşleri boýunça milli ýygyndy toparlarynyň türgenleri | Milli ýygyndy toparynyň sport lukmany, hirurg, otorinolaringolog, oftalmolog, diş lukmany, ginekolog, urolog, newrolog, kardiolog, psihiatr (psiholog). | • Ganyň umumy barlagy,<br>• Peşewiň umumy barlagy;<br>• Biohimiki gan barlagy (umumy belok, glýukoza, umumy holesterin, umumy bilirubin, göni bilirubin, ALAT, ACAT)<br>• Wirusly gepatit barlagy;<br>• EKG, içki agzalaryň ultrases barlagy (USB),<br>• Öýkeniň rentgenografiýa (15 ýaşdan başlap ýylda 1 gezekden köp bolmaly däl). |

*3-nji goşundy*

**Sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlarynyň türgenlerini çuňlaşdyrylan lukmançylyk barlagyndan geçirmek üçin zerur hasaplanylýan lukmançylyk hyzmatlarynyň Sanawy**

| № | Lukmançylyk hyzmatlary |
|---|---|
| 1. | Sport lukmanyň kabul edişi (barlag, maslahat) |
| 2. | Terapewt-lukmanyň kabul edişi (barlag, maslahat) |
| 3. | Funksional anyklaýyş boýunça lukmanyň kabul edişi (barlag, maslahat) |
| 4. | Elektrokardiografiýa EKG |
| 5. | Kardiolog-lukmanyň kabul edişi (barlag, maslahat) |
| 6. | EhoKG |
| 7. | Içki agza Ultrases barlagy |
| 8. | Galkan şekilli mäziň US barlagy (görkezme boýunça) |
| 9. | Aýal jyns agzalarynyň USB-y |
| 10. | Prostatanyň US barlagy (görkezme boýunça) |
| 11. | Newropatolog -lukmanyň kabul edişi (barlag, maslahat) |
| 12. | Hirurg-lukmanyň kabul edişi (barlag, maslahat) |
| 13. | Trawmatolog-ortoped lukmanyň kabul edişi (barlag, maslahat) |
| 14. | Oftalmolog-lukmanyň kabul edişi (barlag, maslahat) |
| 15. | Endokrinolog-lukmanyň kabul edişi (barlag, maslahat) |
| 16. | Stomatolog-lukmanyň kabul edişi (barlag, maslahat) |
| 17. | Dermatowenerolog-lukmanyň kabul edişi (barlag, maslahat) |
| 18. | Otorinolaringolog-lukmanyň kabul edişi (barlag, maslahat) |
| 19. | Urolog-lukmanyň kabul edişi (görkezme boýunça) |
| 20. | Akuşer-ginekolog lukmanyň kabul edişi (barlag, maslahat) |
| 21. | Rentgenolog-, radiolog-lukmanyň kabul edişi (barlag, maslahat) |
| 22. | Döş kapasasynyň giňişleýin rentgenografiýasy |
| 23. | RW barlagy |
| 24. | IFB usuly bilen anti-HBs anyklanmagy |
| 25. | IFB usuly bilen anti HCV tassyklaýjy barlagy. |
| 26. | Ganyň umumy barlagy |
| 27. | Peşewiň umumy barlagy |
| 28. | Glýukoza barlagy (wena ganyndan) |
| 29. | Umumy belogyň derejesini anyklanmagy |
| 30. | Ganyň kreatinine barlagy |
| 31. | Peşew kislotasyna barlag |
| 32. | Umumy holesterine barlag. |
| 33. | Ýokary dykyzlykly lipoproteinlere barlag (ÝDLP) |

| | |
|---|---|
| 34. | Pes dykyzlykly lipoproteinlere barlag (PDLP) |
| 35. | Umumy bilirubiniň derejesiniň barlagy |
| 36. | Göni bilirubiniň derejesiniň barlagy |
| 37. | Alaninaminotransferazanyň (ALAT) derejesiniň barlagy |
| 38. | Aspartataminotransferazanyň (ASAT) derejesiniň barlagy |
| 39. | Gan toparyny we rezus degişliligini kesgitlemek üçin ganyň alynmagy |
| 40. | Progesteronyň ganyň syworotkasyndaky derejesiniň barlagy |
| 41. | AIDS barlagy |
| 42. | MRT barlagy (görkezme boýunça) |
| 43. | Somatotrop gormonyňyň syworatkadaky derejesiniň barlagy |
| 44. | Prolaktiniň ganyň syworotkasyndaky derejesiniň barlagy |
| 45. | TTG reseptorlarynyň autoantitelolarynyň (anti-r-TSH) derejesiniň barlagy. |
| 46. | Kortizolyň syworatkadaky derejesiniň barlagy |
| 47. | Testosteronyň ganyň syworotkasyndaky derejesiniň barlagy |
| 48. | Erkin testosteronyň ganyň syworotkasyndaky derejesiniň barlagy |
| 49. | Estradiol E2 ganyň syworatkasyndaky derejesiniň barlagy |
| 50. | Ganda umumy Tiroksin T4 barlagy |
| 51. | Umumy triýodtironiniň derejesiniň barlagy T3 |
| 52. | Erkin triýodtironiniň derejesiniň barlagy T3 |
| 53. | Erkin triýodtironiniň derejesiniň barlagy T4 |
| 54. | Tireoidperoksidazanyň autoantitelolarynyň (anti-TPO) derejesiniň barlagy. |
| 55. | Kreatininkinazanyň derejesiniň barlagy, umumy aktiwligi |
| 56. | Aşgar fosfotazanyň derejesiniň barlagy |
| 57. | Kaliýniň derejesiniň barlagy |
| 58. | Natriýniň derejesiniň barlagy |
| 59. | Organiki däl fosforyň derejesiniň barlagy |
| 60. | Umumy kalsiýiň derejesiniň barlagy |
| 61. | Magniýiň derejesiniň barlagy |
| 62. | Demiriň derejesiniň barlagy |
| 63. | Antistreptoliziniň-O (ASO) derejesini barlanylmagy. |
| 64. | C-reaktiw belogyň derejesini barlanylmagy. |
| 65. | Rewmatoid faktoryň derejesiniň barlagy |
| 66. | Tölegli hyzmat |
| 67. | Kepilnama bermek |

*4-nji goşundy*

**Sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlarynyň türgenlerini tapgyrlaýyn lukmançylyk barlagyndan geçirmek üçin lukmançylyk hyzmatlarynyň Sanawy**

| № | Lukmanlaryň hyzmatlary |
|---|---|
| 1. | Sport lukmanyň kabul edişi (barlag, maslahat) |
| 2. | Terapewt lukmanyň kabul edişi (barlag, maslahat) |
| 3. | Funksional anyklaýyş boýunça lukmanyň kabul edişi (barlag, maslahat) |
| 4. | Elektrokardiografiýa |
| 5. | Kardiolog lukmanyň kabul edişi (barlag, maslahat) |
| 6. | Eho-KG |
| 7. | Newropatolog lukmanyň kabul edişi (barlag, maslahat) |
| 8. | Hirurg lukmanyň ilkinji kabul edişi (barlag, maslahat) |
| 9. | Trawmatolog ortoped kabul edişi (barlag, maslahat) |
| 10. | Oftalmolog lukmanyň kabul edişi (barlag, maslahat) |
| 11. | Stomatolog lukmanyň kabul edişi (barlag, maslahat) |
| 12. | Endokrinolog-lukmanyň ilkinji kabul edişi (barlag, maslahat) |
| 13. | Dermatolog lukmanyň kabul edişi (barlag, maslahat) |
| 14. | Otorinolaringolog lukmanyň kabul edişi (barlag, maslahat) |
| 15. | Urolog/Ginekolog lukmanyň kabul edişi (barlag, maslahat) |
| 16. | Rentgenolog, radiolog-lukmanyň kabul edişi (barlag, maslahat) |
| 17. | Döş kapasasynyň giňişleýin rentgenografiýasy (ýylda 1 gezek) |
| 18. | RW barlagy |
| 19. | Hbs antigen barlagy |
| 20. | Ganyň umumy barlagy |
| 21. | Peşew umumy barlagy |
| 22. | Glýukoza barlagy (wena ganyndan) |
| 23. | Umumy bilirubiniň derejesiniň barlagy |
| 24. | Alaninaminotransferazanyň (ALAT) derejesiniň barlagy |
| 25. | Aspartataminotransferazanyň (ASAT) derejesiniň barlagy |
| 26. | Umumy holesterin barlagy |
| 27. | Gan toparyny we rezus degişliligini kesgitlemek üçin ganyň alynmagy (zerurlyga görä) |
| 28. | Testosteron gormon barlagy (zerurlyga görä) |
| 29. | AIDS ekspress barlagy |
| 30. | MRT barlagy (zerurlyga görä) |

| | |
|---|---|
| 31. | Içki agza Ultrases barlagy |
| 32. | Galkan şekilli mäziň US barlagy |
| 33. | Aýal jyns agzalarynyň USB-y |
| 34. | Prostatanyň US barlagy (görkezme boýunça) |
| 35. | Tölegli hyzmat |
| 36. | Kepilnamany bermek |

"YLALAŞYARYN"
Türkmenistanyň Saglygy goraýyş
we derman senagaty ministri
_______ M.Mämmedow
"___" ____ ____ 2026ý.